# Keçe

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Keçe KEÇE

Enem her tomusda edende keçe,
Goýun ýüňün güne serip goýardy.
Çalja, mele, akly-gara ýüňleri,
Saýgyç bilen mazalyja saýardy.

Soňra boýap gyzyl, sary, ýaşyla,
Darakdişde darap,sümek ederdi.
Gülli keçäň nagyşlarna niýetläp,
Emaý bilen sarap, ýumak ederdi.

«Bissimilla»- diýip, başlansa keçä,
Ejem täsin edip oňa çeker gül.
Dokalan gymyşa salnan keçeni,
Ilki geler çekişmäge Çepergül.

Biz bilen deňine hemme begener,
Şowhunly bolardy şo gün köçämiz.
Hem inine hem boýuna «Basylyp»,
Goluň güýji bilen «Bişer» keçämiz.

Ine şeýdip täze keçeli borduk.
…El halysyn welin aýardy enem.
Ony «Zenan» atly mukaddesligiň,
Arzyly parçasy saýardy enem.

Olaryň düşegi keçedi, emma,
Gözeldi ahlagy haly mysaly.
Şol tämiz ýörelge undulmawersin,
Ykbaly keç keçäň undulşy ýaly.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular